# ÝUNESKO-NYŇ ADAMZADYŇ MADDY DÄL MEDENI MIRASY

Geçen Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynda ene-mamalarymyzdan bize miras galan kesdeçilik sungatymyzyň ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizilmegi halkymyzy iňňän buysandyrdy, guwandyrdy. Bu sungat gadymy türkmen medeniyetiniň iň nepis, iň inçe we bahasyna ýetip bolmajak gymmatlyklarynyň biri halkymyz tarapyndan sarpalanýan sungat eseridir. Halkymyzyň sanly geçmişini, milli özboluşlylygyny özünde jemleýän kesdelerimiz eli çeper gelin-gyzlarymyzyň içki dünýäsiniň, edep-ekramynyň, başarnyklarynyň mynasyp beýanydyr. Ene-mamalarymyz inçejik iňňäniň kömegi bilen döreden bu deňi taýy bolmadyk nepis sungaty özleriniň gyzlaryna, gelinlerine, baldyzlaryna öwredip, häzirki günlere çenli ýetiripdirler. Ýurdumyzyň Döwlet muzeýinde mynasyp orun alan Gahryman Arkadagymyzyň ejesi, Hormatly Prezidentimiziň enesi, külli türkmeniň mährem käbesi Ogulabat ejäniň yhlas siňdirip, sünnäläp tiken toy kürtesi munuň aýdyň mysalydyr.

Türkmen halkyny ýeňişleriň ak ýoly bilen ynamly öňe alyp barýan Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň milli mirasymyzyň abraýyny beýgeltmekde, ony dünýä ýaýmakda durmuşa geçirýän tutumly işleri rowaç alsyn!

**Hanmyrat ATAHANOW**

**Döwletmämmet Azady Adyndaky**

**Türkmen Milli Dünýä Dilleri Institutynyň talyby**

Все права защищены